# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Türkmenistanyň 2024-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda

**1-nji madda**

Türkmenistanyň 2024-nji ýyl üçin Döwlet býujetini girdejiler we çykdajylar boýunça 102 313,5 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler we çykdajylar boýunça 32 865,0 mln. manat möçberde tassyklamaly.

**2-nji madda**

Türkmenistanyň 2024-nji ýyl üçin Merkezleşdirilen býujetini girdejiler we çykdajylar boýunça 91 544,7 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler we çykdajylar boýunça 22 096,2 mln. manat möçberde tassyklamaly.

**3-nji madda**

Umumydöwlet salgytlaryndan Aşgabat, Arkadag şäherleriniň we welaýatlaryň býujetlerine geçirmeleriň 2024-nji ýyl üçin kadalyk ölçeglerini şu aşakdaky möçberlerde bellemeli:

| | goşulan baha üçin salgytdan | peýdadan alynýan salgytdan | ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgytdan |
|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 1,4% | 1,4% | 1,4% |
| Arkadag şäheri | 100,0% | 100,0% | 0% |
| Ahal welaýaty | 90,0% | 90,0% | 90,0% |
| Balkan welaýaty | 28,0% | 28,0% | 27,0% |
| Daşoguz welaýaty | 100,0% | 100,0% | 100,0% |
| Lebap welaýaty | 100,0% | 100,0% | 100,0% |
| Mary welaýaty | 87,0% | 87,0% | 88,0% |

**4-nji madda**

2024-nji ýylda Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetinden Arkadag şäheriniň we welaýatlaryň býujetleriniň deňeçerligini üpjün etmek üçin olara 2 986,2 mln. manat möçberde serişdeleri bölüp bermeli, şol sanda:

| | | |
|---|---|---|
| Arkadag şäheri | 211,3 | mln. manat |
| Daşoguz welaýaty | 1 685,4 | mln. manat |
| Lebap welaýaty | 1 089,5 | mln. manat |

**5-nji madda**

Ýerli býujetleri 13 755,0 mln. manat möçberde, şol sanda Aşgabat, Arkadag şäherleriniň we welaýatlaryň býujetlerini aşakdaky möçberlerde tassyklamaly:

| | | |
|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 2 443,1 | mln. manat |
| Arkadag şäheri | 236,7 | mln. manat |
| Ahal welaýaty | 1 658,9 | mln. manat |
| Balkan welaýaty | 1 538,7 | mln. manat |
| Daşoguz welaýaty | 2 478,5 | mln. manat |
| Lebap welaýaty | 2 781,1 | mln. manat |
| Mary welaýaty | 2 618,0 | mln. manat |

**6-njy madda**

Zähmet haky, pensiýalar, döwlet kömek pullary we talyp haklary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň goralan maddalarydyr diýip bellemeli.

**7-nji madda**

Býujet ýetmezçiliginiň emele gelen ýagdaýynda döwlet nesýe almalaryndan gelen serişdeler we (ýa-da) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda býujet serişdelerinden emele gelen galyndylary maliýeleşdiriş çeşmeleri bolup durýar diýip bellemeli.

2024-nji ýylda Türkmenistanyň Döwlet býujetine beýleki çeşmelerden gelip gowuşýan goşmaça girdejiler, şeýle hem girdejileriň çykdajylardan artyk gelen pul möçberleri, birinji nobatda bank karzlary boýunça bergini üzmek, döwletiň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek ugurlaryny maliýeleşdirmek üçin gönükdirilýär diýip bellemeli.

**8-nji madda**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine Türkmenistanyň kanunlaryndan, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryndan, kararlaryndan we buýruklaryndan gelip çykýan zerur bolan takyklamalary Türkmenistanyň 2024-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň görkezijilerine girizmegi, şeýle hem Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň ýerine ýetirilmeginiň barşynda ähli çykdajy maddalary boýunça tygşytlanan serişdeleri zerur bolan ýagdaýlarda beýleki çykdajy maddalara gönükdirmegi tabşyrmaly.

**9-njy madda**

Hökmany döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasyna pensiýa gatançlary Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň býujetiniň girdejiler boýunça göz öňünde tutulan meýilnamasyndan artyk gelip gowşan halatynda, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasyna tölegler Döwlet býujetiniň çykdajylar boýunça bellenen meýilnamasyndan şol möçberde artyk amala aşyrylyp bilner diýip bellemeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Serdar Berdimuhamedow** |